# ABŞ boýun aldy: «Ukrainada biologik barlaglary geçirýän desgalarymyz bar»

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
ABŞ boýun aldy: "Ukrainada biologik barlaglary geçirýän desgalarymyz bar" ABŞ BOÝUN ALDY: «UKRAINADA BIOLOGIK BARLAGLARY GEÇIRÝÄN DESGALARYMYZ BAR»

***Russiýa we Hytaý ABŞ-nyň Ukrainada biologik ýaraglary öndürýändigini öňe sürüpdi***

Russiýa BMG-nyň Biologiki ýaraglar boýunça şertnamanyň ABŞ we Ukraina tarapyndan bozulandygyny öňe sürýär.

ABŞ Ukrainada biologiki desgalarynyň bardygyny boýun aldy. ABŞ-nyň Daşary işler ministrinjň orunbasary Wiktoriýa Nuland düýnki eden çykyşynda «Ukrainada biologiki barlaglary geçirýän desgalarymyz bar» diýdi.
24-nji fewralda Ukraina harby operasiýa geçiren Russiýa ABŞ-nyň bu ýurtda biologiki ýarag maksatnamalaryny maliýeleşdirýändigini öňe sürüpdi. Russiýa şeýle-de Ukrainada otuz sany biologiki laboratoriýanyň bardygyny aýdypdy.
Russiýanyň Ýaragly Güýçleriniň garamagyndaky Radiasiýa, himiki we biologiki gorag güýçleriniň serkerdebaşysy Igor Kirillow laboratoriýalaryň Lýwow, Harkow, Poltawa şäherlerinde gurlandygyny we bularyň ýok edilendigini aýtdy.
I.Kirillow laboratoriýalarda «garahassa (çuma), şarbon, brýusseloz, difteriýa, salmonelloz, dizanteriýa patogenleriň galyndysyna duş gelnendigini» öňe sürdi.
Nulanda düýnki ýygnanşygynda «Ukrainada biologiki ýarag barmy?» sowaly berildi. Sowala «Ukrainada biologiki barlaglary geçirýän desgalarymyz bar» diýip jogap beren Nuland şeýle diýdi:

Russiýanyñ bu laboratoriýalarda gözegçiligi ele geçirmeginden howatyrlanýarys. Şol sanda ukrainalylar bilen bularyñ rus güýçleriniñ eline geçmezliginiñ gamyny iýýäris.
Russiýanyñ daşary işler ministriniñ metbugat wekili Mariýa Zaharowa hem şol gün barada çykyş etdi. Zaharowa laboratorýalarda biologiki ýaraglaryñ komponentlerini kämilleşdirmek üçin işleriñ geçirilendigini tassyklaýan subutnamalary tapandyklaryny öñe sürdi.
Zaharowa hüjümiñ başlan 24-nji fewral gününde laboratoriýanyñ işgärlerine patogenleriñ haýal etmän ýok edilmegi üçin görkezme berilendigini aýtdy.

- **Hytaý: «ABŞ haýsy barlaglaryñ geçirilendigini mälim etmeli**

Munuñ bilen birlikde Hytaý hem ABŞ-na nägilelik bildirdi. Daşary işler ministrliginiñ metbugat wekili Cao Licien düýnki eden çykyşynda ABŞ-nyñ öz beren maglumatlaryna esaslanyp, Ukrainada 26 sany biologiki laboratoriýanyñ gurlandygyny we bularyñ hemmesiniñ ABŞ-nyñ Goranmak ministrligine degişlidigini öñe süren Cao şeýle diýdi:
«Ukrainadaky ähli howply wiruslar bu laboratoriýada saklanýan bolmaly. Ähli geçirilen barlaglara ABŞ ýolbaşçylyk edýär we olaryñ rugsady bolmazdan hiç bir maglumat aýan edilmeýär. Häzirki ýagdaýfa ähli taraplara Ukrainanyñ we oña goñşy ýurtlaryñ, galyberse-de bütin dünýäniñ ilatynyñ jan saglygy we howpsuzlygy göz öñüne tutulyp, bu laboratoriýalaryñ howpsuzlandyrmaga çagyrýarys.»
Cao ABŞ-nyñ laboratoriýalarda haýsy wiruslaryñ saklanýandygy we haýsy barlaglaryñ geçirilýändigi ýaly maglumatlaryñ iñ ýakyn wagtda aýan etmeginiñ gerekdigini hem sözüniñ üstüne goşdy.

Independent, Sputnik International, OpIndia, TASS, AA

Taýýarlan: Ugurjan ÝYLDYZ.

09.03.2022 ý. Publisistika